***Häzirki döwürde däp bolan dostlukly türkmen-ýapon gatnaşyklary strategik hyzmatdaşlygyň aýdyň nusgasy bolup durýar. Özara hormat goýmak we deňhukuklylyk ýörelgeleri giň möçberli bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmek üçin berk binýat bolup hyzmat edýär. Türkmen halkynyň Milli Lideri tarapyndan başy başlanyp, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän ýurdumyzyň daşary syýasaty özara ynanyşmagyň ýokary derejesi bilen tapawutlanýan köpugurly gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmäge güýçli itergi berýär.***

Türkmenistan Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşyklaryny we «Merkezi Aziýa +» (C5+1) formatyny hyzmatdaşlygy hem-de dialogy ösdürmek, umumy meseleleri bilelikde çözmek üçin açyk, netijeli meýdança hökmünde görýär, olaryň möhümdigine, kuwwatynyň we geljeginiň bardygyna ynanýar. Tokioda Merkezi Aziýanyň bäş döwleti bilen Ýaponiýanyň arasynda geçiriljek ýokary derejedäki sammit hem sebitleýin hyzmatdaşlygy giňeltmekde altytaraplaýyn tagallalary birleşdirmek we halkara strategik meseleleri ara alyp maslahatlaşmak üçin möhüm diplomatik platforma bolup hyzmat eder. Bu duşuşyga gatnaşmak üçin hormatly Prezidentimiz iş sapary bilen Ýaponiýa bardy.

Merkezi Aziýa ýurtlary 20 ýylyň dowamynda Ýaponiýa bilen bilelikdäki gepleşikleri diňe ministrler derejesinde geçirdi. Şonuň üçin Tokioda geçirilýän ýokary derejedäki sammitiň netijelerine uly gyzyklanma bilen garaşylýar. Bu duşuşyk altytaraplaýyn hyzmatdaşlygy has-da berkider, hil taýdan täze derejä çykarar, şeýle hem ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn esasda ýola goýlan gatnaşyklaryň täze ugurlaryny kesgitlär. Mümkinçilikleri doly möçberde peýdalanmak üçin häzirki döwürde şertler hem, ýolbaşçylaryň syýasy erk-islegi hem bar.

**Ogulşat ÝAZGYLYJOWA,**
**S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.**

Все права защищены
save pdf date >>> 20.12.2025